# Gora meni…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Gora meni… Abdyreşit TAŞOW

▶ GORA

Rebbim, özüm gazanaýyn, sen meni taýyndan gora!
Ýanar oduň belasyndan, töhmetiň laýyndan gora!
Akar suwuň belasyndan, şeýtanyň raýyndan gora!
Hannasyň haram hakyndan, Ýetimiň paýyndan gora!
Bimessebiň menzilinden, çöpdüýbi haýyndan gora!
Gybatkeşiň gep sözünden, namardyň jaýyndan gora!

El-aýagym azat meniň, ötdi ýaşym gundalardan,
Abraý aty jylawly dur, dirilikde undulardan,
Ýolda ýatyp büdretmegi, ahmal köýen kündelerden,
Mahluklaryň ma:ry bolan adam sypat bendelerden,
Iki dilli , iki ýüzli zandy haram gendelerden,
Gora eziz bendäňi sen, gora Allam gora meni!!!

A:ly bile ala dony biçip ýören aýallardan,
Çaýa derek ajy meýi içip ýören aýallardan,
Ýady görse öz ärinden geçip ýören aýallardan,
Namysyny pula satyp, myçyp ýören aýallardan,
Ýüzin gizläp, etegini açyp ýören aýallardan,
Gora eziz bendäňi sen, gora Allam gora meni.

Rebbim, sen öz gazabyňdan, kümsükleriň gaýragyndan
Göripleriň nazaryndan, samsyklaryň süýreginden
Towşanlaryň gulagydan, tilkileriň guýrugydan,
Läbik suwuň bulagyndan, harabanyň jaýrygyndan,
Naçarlaryň nalyşyndan, namartlaryň buýrugyndan,
Gora eziz bendäňi sen, gora Allam gora meni.

Müň adyňy ýüregime nagyş eden Allam meniň,
Namartlaryň huzurynda egilmesin kellläm meniň,

Takdyryma tabyn boldum, hança bolsa pelläm meniň,
Ybadatyň berjaý kyldym, bolmasada selläm meniň,
Goldawyňa mätäçdirin, ruhdan düşen pilläm meniň,
Gora eziz bendäňi sen, gora Allam gora meni.

Ejiz däl men ,gaýratym bar daşy kesip satar ýaly,
Ussatlara göwün berdim, bir menzile ýeter ýaly,
Günüm rahat ýaşar ýaly, daňym rahat atar ýaly,
Ertirine erkin turyp, agşam rahat ýatar ýaly,
Pany dünýä halal geldim, halal ýaşap öter ýaly,
Gora eziz bendäňi sen, gora Allam, gora meni. Goşgular